# Yrymlar düwünçeginden

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Yrymlar düwünçeginden YRYMLARDAN

■ Naharlananyňda aýna seredip iýseň, öz görküňi iýýärsiň.

■ Gije aýna seretseň ruhuň pese gaçýar.

■ Ertir irden aýna «Bismilla» diýip seretseň, gözelleşýäň.

■ Üç sany garga bir şahada otursa, oňatlykdan habar gelýär.

■ Keselhanadan çykanyňda, yzyňda zat (hatda zibil hem) galdyrmaly däl. Şeýle etseň yzyňa gelmeýärsiň.

■ Gyz maşgalanyň eli, aýagy tüýlek bolsa baý ýere durmuşa çykýar.

■ Ikindi bilen şamyň arasynda suwa düşmeli däl. Adam keselleýär.

■ Gözüňe ittirsek çyksa, pul sürtüp, ýedi ýoluň üstünde goýup, yzyňa seretmän gitmeli. Ittirsek gaýdyp çykmaýar.

■ Gözüňe ittirsek çyksa, ony ite ýalatsaň hem aýrylýar.

■ Düýşüňe göwreli aýal girse, baýlyk gelýär.

■ Ak zat dökülse (süýt, gatyk, tüwi, şeker, duz we ş.m.) üstünden bassaň gözüň agyrýar.

■ Ýanyňda syrtlanyň tüýüni ýa-da dişini götherseň, hemmeleriň gözüne mähriban görünýäň.

■ Uzak ýola şaýlananyňda, ýol dogasyny okasaň, ýoluň hemişe açyk bolýar.

■ Egniň çekse, görüşýäň. Sag egniň çekse ýakynyň bilen, çep egniň çekse ýat adam bilen görüşýäň.

■ Çöregiñ iki ýerinden bölseñ, rysgalyñ bölünýär.

■ Iki adam birden okara çemçe uzatsa, oñat habar gelýär.

Taýýarlan: Oguljemal ÇARYÝEWA. Halk döredijiligi we rowaýatlar